# Nesibäñ çeker

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Nesibäñ çeker NESIBÄÑ ÇEKER

Dowamyña çirk gelmese nesliñden,
Ojagyña döwlet arygy akar.
Her ädimde many alsañ aslyñdan,
Ykbal saña mydam ýylgyryp bakar.

Dady bir başgadyr halal gazanjyñ,
Rahat ýat, tur – bolmaz asyl-ha ünjiñ,
Yranmaz-ynjamaz hazyna-genjiñ,
Diñe şowlulykda señ bijäñ çykar.

Gaýgyrma dostuñdan hany-manyñy,
Özüñe ýar tutgul din-imanyñy.
Şonda ýaşan ömrüñ bolar manyly,
Rysgal çeşmesine nesibäñ çeker.

Ýüregiñ suwly bor – syla goñşyñy,
Bagtyñ çüwse, pespäl eýle başyñy,
Bahyldanam gysganmagyl aşyñy,
Bu göreşdir – mertlik pesleri ýykar.

Näzik, senem meñzejek bol oñada,
Ynan ykbalyñy diñe döwede,
Juda köp zat berilýändir sowada,
Oka, öwren, bir gün bagt gülüp bakar.

Näzik ANNATYÝEWA. Goşgular